# Sylag-hormat ikitaraplaýyn bolmaly

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sylag-hormat ikitaraplaýyn bolmaly **Geldimyrat Seýidowyň Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Çarşenbe, 23.08.2023 ý.
Jemgyýetçilik transport serişdesi – awtobus ýol wagtyňy köpräk alýar diýmeseň amatly serişde. Hemmä deň, arzan hem minnetsiz. Taksa münüp, gapyny gaty ýapdymmyka ýa ýuwaş ýapdymmyka, ýolugra ýene-de adam aljakmyka ýa almajakmyka, näçe tölemeli bolarka diýen ýaly aladalara galjak gümanaň ýok. Bärde elbetde, aýlyk bilen gününi dolaýanlaryň hal-ýagdaýy göz öňüne tutulýar.
Awtobusdaky ýolagçylarynyň arasyda hemmä aýan bir ýazylmadyk kanun bar. Birek-birege hormat-sylag kanuny, ýagny, ýaşy kiçi ýolagçylar ýaşulylara, ýarawsyzlara ýa-da çagaly ýolagçylara oturmaga ýer bermek hem-de ýer berilenleriň hem öz gezeginde ýerini berenlere minnetdarlyk bildirmek diýen ýaly ýazylmadyk kada-kanun. Hormat-sylag diýeniňem ikitaraplaýyn bolsa ýagşy.
Nämedendir bilemzok welin, biz ululara öz ýerlerini bermezlikde köplenç ýaşlary günäkärlemeklige endik edipdiris. Bu hakykatdan-a şeýlemikä?! Köp halatlarda awtobusyň ýolagçysy bolanlygymyzda synlap, gören-bilenlerimizden mysal alyp, biz gaty bir beýlede däldigine düşündik. “Süri agsaksyz bolmaz” diýlişi ýaly, ýaşlardan görmediksirän ýa-da elindäki telefona güýmenen bolup ýaşula daga ýer hödürlemeýäni-de iki-ýeke bar

diýäýmeseň, olaryň aglaba köp bölegi beýtmeýär. Dogrusyny dogry aýtmaly, turup ýer berýänleri köplük.
Ýöne gynançly ýeri başga zatda. Sylag-hormat ikitaraplaýyn bolsa ýagşy diýip, biz ýokarda ýöne ýere belläp geçmedik. Aýtjak bolýanymyzyň esasy-da şundan ybarat ýagny, köp halatlarda oturmaga ýer, orun berilenler tarapyndan turup ýer berenlere minnetdarlyk bildirilmeýär. Sag bol aýdylmaýar. Bu gowy zat däl. Gaty gödek häsiýet – gedemlik. Adamkärçilikde pis häsiýetleriň biri. Özümiz-ä şu häsiýeti oturan ýerini dik duran ýaşula hödürlemeýän ýaşlaryň häsiýetinden-de has ýaramaz hasaplaýarys.
Ýaşulylaryň köpüsi özlerine hormat edilip boşadylyp berlen orun hut özüne degişi däldirem öütmeýär. Ýaşy kiçileriň hem oturgyçlarda oturmaga özleri bilen hukuklarynyň deň derejededigine ýa-ha düşünmeýärler ýa-da düşünjegem bolmaýarlar. Ýaşlaryň oturan oturgyjynyň ýanyna gelip, “meň ýerimi boşat” diýen manyda göni onuň ýüzüne dykynlap seredýänleride az däl. Maýyp, çagaly ýa göwreli aýal, bolmanda öte garry bolsa zyýany-da ýok. Köplenç muny ýaşy ýaňy gartaşanlar edýär. Hany, onsoň turmanam bir gör-dä! Masgara-da etjek. Bular ýaly häsiýet aýratynam daýzalarda has köpräk ýüze çykýanlygyny synlap göz ýetirdik.
Sylap, ýerinden turup ýer berene sag bol aýtmak kyn zadam däl. Bolmanda ýylgyryş ýa üm bilen minnetdarlyk bildirilse-de boljak. Köp ýaşulylar şonam edenok. Minnetdarlyk bildirilse, bu ýaşulylar tarapyndan ýaşlara görüm-görelde görkezmek hem bolup dur, terbiýeçilik diýseňem bolman duranok. Ýerini berenem öz eden işinden hoşal boljak. Gowy häsiýetini soň-soňlaram dowam etdirjek ýörjek. Deregine minnetdarlyk görmese welin, öz içinden “ýaman algyly ýaly ýüzi dagy nähili näteňet, nirden ýerimi beräýipdirin” diýip, nägile boljaklygy bolaýjak zat.
Ýolagçysy köpräk awtobusa münüp, synlap görenler aýdanlarymyzyň hakykatdygyna doly göz ýetirseler gerek.

- **Awtor hakda**

*Geldimyrat Gurbanmyradowiç Seýidow 1952-nji ýylda Bäherden etrabynyň Garrynohur obasynda eneden bolup, şol obadaky orta mekdebi okap gutardy.*
*Goşun gullugyny tamamlap, ömrüniň 35 ýylyny Aşgabat şäher polisiýa Müdirliginde dürli wezipelerde işledi.*
*1989-njy ýylda Aşgabat şäherindäki Milisiýanyň ýörite orta mekdebini (häzirki Polisiýä akademiýasy) gaýybana okap gutardy.*
*2010-njy ýylda podpolkownik harby derejesi bilen, Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň weterany hökmünde hormatly dynç alşa çykdy.*
*Pensiýada dynç alyşda bolmak bilen bir wagtda, häzir ol hukukçy (ýurist) wezipesinde işleýär.* Nukdaýnazar